# Nyzamy Genjewiniñ setirlerinden

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Nyzamy Genjewiniñ setirlerinden NYZAMYDAN DÜRDÄNE SÖZLER

* * *

Ýürekden dogan söz ýeter ýürege.

* * *

Galama gerekdir şeýle söz almak ~
Paýhasdan, akyldan bolmasyn uzak.
Parlak hünji kimin düzülen sözler
Akyla sygmasa, ýalana meñzär.
Dogryga azajyk meñzeýen ýalan
Ýagşydyr ýalana meñzän dogrudan.

* * *

Sözleriñ şasynyñ bir mysaly bar,
Ne gözel söýlemiş: «Agtaran tapar!»

* * *

Düşünjesi, akly saglam bolan kes
Bimany sözleri sözlemezmiş, bes.

Gahar edende, dili sabr etse biraz,
Tutan bir işinden puşeýman bolmaz.

* * *

Ne gözel söýlemiş gadym bir eren:
«Dil etden döräpdir, gylyç demirden».
Özüne, özgäýe bolmaz mähriban,
Diline geldigin sözleýän ynsan.

* * *

Her söz öz ýerinde bolarmyş gözel,
Agaç bar getirmez wagtyndan ozal.

* * *

Biwagt gygyran horazyñ başyn
Ýiti pyçak ýetip, tiz alarmyşyn.
Dilini bagla ki, elde galsyn baş,
Diliñ gury bolsa, akmazmyş gözýaş. Sözler